### Geçinem öz aýagyndan asarlar, goýnam

Bähllili dananyň inisi Harun Reşit uly patyşa eken. Ol öz agasy Bähllili danany ýanyna çagyryp:
- Aý, Bähllili, sen bu diwanaçylyk-gedaýçylygyňdan el çek, ine, saňa hazyna, näme gerek bolsa göter - diýen.
Onda Bähllili dana:
- Aý, patyşa, biz her niçik aga-inem bolsak, seniň patyşalyk bilen gazanan maly-dünýäňden çigit ýaly zat derkar däl, sen ýöne meni öz günüme goý - diýipdir-de, özüniň weýrana howlusyna ötägidipdir. Bähllili dananyň howlusy Harun Reşit patyşanyň köşgüne ýakyn eken. Harun Reşit her gün tagtynda oturan wagtynda Bähllili dananyň ahy-hasrat bilen dady-perýat edip aglaýan gamly sesini eşider eken.
Günlerde bir gün Harun Reşit tagtyna çykypdyr, görse bu gün Bähllili dananyň howlusyndan hemişeki eşidilýän gamly sesiň deregine şatlykly owaz gelýärmiş. Bähllili dana ýeke özi öz başyna däli-porhan bolup, hem saz çalýar, hem aýdym aýdýar eken. Harun Reşit muny eşidip, geňirgenip:
- Baryň diwanany alyp geliň, ondan habar alalyň - diýip, ýasawullaryna buýrupdyr.
Ýasawullar Bähllili danany alyp gelipdirler. Patyşa:
- Ýeri, Bähllili, sen hemişe günüňi gaýgy-gam bilen aglap geçirýärdiň, bu günki şatlygyň nämäniň hekaýaty? - diýip soran.
- Aý, patyşam, eşider bolsaň, men bu gün bazara bardym - diýip, ol söze başlan.



- Barsaň barypsyň-da bazara, ol taýda näme beýle şatlyk gördüň?
- Patyşam, gassap bazaryna bardym, görsem geçinem öz aýagyndan asypdyrlar, goýnam öz aýagyndan asypdyrlar. Men, ikimiz aga-ini bolanymyzdan soň, seniň tagtda oturyp, il-halka edýän zulum-sütemiň hem zalymlygyň üçin menem günäkär bolýandyryn öýdüp gorkup, hemişe aglar ýörerdim welin, asyl beýle däl eken. Bu gün men bazarda geçiniňem öz aýagyndan asylýanyny, goýnuňam öz aýagyndan asylýanyny gördüm we her kimiň öz eden günäsi üçin jeza aljagyna düşündim. Şonuň üçin hem wagtym hoş bolup, şatlanyp oturyşym - diýip, jogap berip, çykyp giden.